Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2020-nji ýylyň 29-njy ýanwaryndaky
№ 4 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1-km "Kärhananyň (guramanyň) işleriniň esasy maliýe görkezijileri barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA**

№1-km (çärýeklik) forma boýunça hasabaty eýeçiligiň görnüşine garamazdan özbaşdak balansy bolan telekeçilik işini amala aşyrýan (maliýe we býujet guramalaryny goşmazdan) kärhanalar (guramalar) düzýär.

Hasabatyň maglumatlary ýylyň başyndan artýan jem bilen müň manatda görkezilýär.

Esasy we goşmaça iş görnüşleri boýunça görkezijiler doldurylanda öýjüklerde ykdysady işiň görnüşiniň 5 belgili koduny görkezmeli (YIGDK – Türkmenistanyň ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory).

Esasy iş görnüşi – goşulan gymmaty subýekt tarapyndan amala aşyrylýan işiň islendik beýleki görnüşiniň goşulan gymmatyndan ýokary bolan işiň görnüşi (döwlet kärhanalar üçin – esasy iş görnüşi esaslandyryş resminamalarda kesgitlenen). Goşmaça iş görnüşi – üçünji taraplar üçin önüm öndürmek maksady bilen esasy işden daşary amala aşyrylýan işiň görnüşi.

## 1 BÖLÜM. HASABAT DÖWRÜNDE ESASY WE GOŞMAÇA IŞ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA ÖNDÜRILEN ÖNÜMLERIŇ, ÝERINE ÝETIRILEN IŞLERIŇ WE EDILEN HYZMATLARYŇ MÖÇBERI

Bu bölümde şu görkezijiler berilýär:

(01 setir) – Öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we edilen hyzmatlaryň möçberi) – ähli goýberilen önümleriň, ýerine ýetirilen işleriň we edilen hyzmatlaryň önüm öndürijileriň nyrhlarynda gymmaty. Önüm öndürijiniň nyrhy – goşulan baha salgydy we aksizleri, söwda we satuw artdyrylan bahany, ulag we önümleri öndürijiden satyn alyja ýetirmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylary hasaba almazdan, ýerlenýän önüm birliginiň kärhanadan çykan pursatyndaky bahasy.

Öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi ýerlenen önümleriň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna gatançlaryny hasaba almak bilen (gaýtadan satmak üçin satyn alnan harytlaryň gymmatyny, GBS-ny, aksizleri hasaba almazdan), kärhananyň içinde peýdalanylan önümleriň we edilen hyzmatlaryň möçberini, ammarlarda duran we satuw üçin niýetlenilen taýýar önümleriň üýtgemegini, tamamlanmadyk önümçiligiň we gurluşygyň galyndysynyň artmagyny (kemelmegini) jemlemek arkaly kesgitlenilýär.

Senagat kärhanalary üçin öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi sargyt edijiniň çig malyndan öndürilen önümiň gymmatyny we zawodyň içindäki dolanyşygyň gymmatyny göz öňünde tutmak bilen görkezilýär.

Söwda işi bilen meşgullanýan kärhanalar üçin öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi harytlary ýerlemekden gelýän girdejiler bilen harytlary satyn almak üçin çykdajylaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.(наценка) Harytlar satyn alnan harytlaryň gymmatyna deň ýa-da pes nyrhdan ýerlenen ýagdaýynda öndürilen önümiň, söwda işleri boýunça ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi dolanyşygyň harajatlarynyň möçberine deň bolar.

Ilat üçin iýmit öndürýän kärhanalar, restoranlar üçin öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi taýýar iýmitiň eltilmegini goşmak bilen, onuň haryt dolanyşygyna deňleşdirilýär. Şonda satylan içgiler we önümler maddy harajat bolup durýar we öndürilen önümiň möçberine goşulýar.

Myhmanhanalar üçin restoranlaryň hyzmatlaryny goşmak bilen, myhmanhana hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmegi öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi bolup durýar.

Meýdanlary we enjamlary kärendesine bermek bilen meşgullanýan kärhanalar üçin kärendeden gelýän girdejiler bilen kärendesine berilýän serişdeleri saklamak üçin harajatlaryň arasyndaky tapawut öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi bolup durýar.

Mikrokarz bermek bilen meşgullanýan kärhanalar (mikrokarz guramalar) üçin maliýe dellallary tarapyndan alnan eýeçilikden gelýän girdejiler (hususy serişdelere maýa goýmakdan alnan sap girdejini goşmazdan) bilen karz berijiler tarapyndan tölenen göterimleriň arasyndaky tapawut hökmünde hyzmatlaryň gytaklaýyn kesgitlenilýän gymmaty öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň möçberi bolup durýar.

(03 setir) – Kärhananyň içinde peýdalanylan önümler we ýerine ýetirilen hyzmatlar içerki dolanyşyk–bir subýektiň düzüm bölüminiň şol subýektiň beýleki bölümine peýdalanmak üçin berlen önümleriniň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty.

(04 setir) Ammarlarda duran we satuwa niýetlenen taýýar önümleriň gorlarynyň üýtgemegi, ösüşi we kemelişi (04 setir) üýtgemeleri önümçilik taýdan gutarnykly, synagdan we kabul edilşiden geçen, potratçylar bilen ylalaşylan şertnamalara laýyklykda ähli tölegler bilen üpjün edilen we tehniki şertlere, standartlara laýyk gelýän galyndynyň hakyky özüni dolandyryş önümçilik nyrhy görkezilýär.

(05 setir) Tamamlanmadyk önümçiligiň galyndylarynyň artmagy ýa-da kemelmegi we tamamlanmadyk gurluşygyň galyndysy.

(06 setirde) kärhanalaryň maliýe hojalyk işleriniň buhgalterçilik hasaplaryndaky alynyp barylýan hasabatlarda tamamlanmadyk önümçilige, tamamlanmadyk işlere (hyzmatlara), tamamlanmadyk gurluşyga edilen harajatlar görkezilýär. 06 setiri diňe esasy we goşmaça iş görnüşi gurluşyk (YIGDK boýunça 41-43 bölümler boýunça) bilen meşgullanýan kärhanalar we guramalar doldurýarlar.

## 2 BÖLÜM. HASABAT DÖWRÜNDE ESASY WE GOŞMAÇA IŞ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA MALIÝE-HOJALYK IŞLERINIŇ NETIJESI

Bu bölümde aşakdaky görkezijiler berilýär:

(01 setir) Önümi ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary etmekden alnan girdejiler, goşulan baha üçin salgydy, aksizleri, şeýle hem yzyna gaýtarylan harytlaryň gymmatyny, satyn alyjylara satuw arzanlatmalaryny we nyrh arzanlatmalaryny aýyrmak bilen almaga degişli (alnan) girdejiniň möçberi.

Söwda işi bilen meşgullanýan kärhanalar üçin bu görkeziji ýerlenen harytlaryň satyn alyş gymmatyny göz öňünde tutmak bilen görkezilýär (haryt dolanşygy).Şu görkeziji Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirmeleri almazdan görkezilýär.

(02 setir) Harytlary alyp satmak üçin ýerlemekden alnan girdejiler görkezilýär.(haryt dolanşygy)

(03 setir) Ýerlenen önümleriň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty goýberilen taýýar önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky özüne düşýän gymmaty

(04 setir) Jemi peýda önümleri ýerlemekden, hyzmatlary ýerine ýetirmekden alnan girdejiniň we ýerlenen önümleriň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatynyň tapawudy.

(05 setir) Gaýry amal girdejileri aktiwleriň çykmagyndan, yzyna gaýtarylmasyz alnan aktiwlerden, döwlet subsidiýalaryndan, gymmatynyň gaçmagyndan ýeten zyýany gaýtadan dikeltmekden, hümmetiň tapawudyndan, amal kärendesinden, biologik aktiwleriň gymmatynyň adalatly üýtgemeginden we beýlekilerden girdejiler.

(06 setir) Maliýeleşdirmekden gelýän girdejiler sylaglar, diwidendler boýunça, maliýe kärendesinden, gozgalmaýan emläge maýa goýmak bilen baglanyşykly amallardan, maliýe

gurallarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden gelýän girdejiler we maliýeleşdirmekden gelýän gaýry girdejiler.

(07setir) Täjirçilik ýerleme çykdajylary önümleri ýerlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly çykdajylar. Olara şular degişli: iş haky, ýerleşdiriş bölüminiň işgärlerine iş hakyndan tutumlar, eýeçiligi ätiýaçlandyrmak boýunça çykdajylar, iş saparyna çykdajylar, amortizasiýa tutumlary we gozgalmaýan emlägiň obýektlerini saklamak boýunça çykdajylar, iberilýän nokadyna çenli ýükleri ugratmak, ýükleri düşürmek we ýüklemek işleri, harytçynazlyk hyzmatlaryna çykdajylar we beýleki şuňa meňzeş çykdajylar. (2111,2121,2211-2216).

(08 setir) Dolandyryş çykdajylary önümçiligiň gidişi bilen baglanyşykly däl dolandyryş we hojalyk çykdajylary.

(09 setir) Maliýe çykdajylary sylaglar boýunça, maliýe kärendesi boýunça göterimleri tölemäge çykdajylar, maliýe gurallarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden çykdajylar we maliýeleşdirmek üçin gaýry çykdajylar.

(10 setir) Gaýry çykdajylar adaty işe bagly bolmazdan ýüze çykýan gaýry önümçilik däl hyzmatlar: aktiwleriň çykmagy we gymmatynyň gaçmagy, hümmetiň tapawudy, goruň döredilmegi we ygtybarsyz talaplaryň hatardan çykmagy, amallar bilen baglanyşykly kärende boýunça çykdajylar, biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden çykdajylar we beýlekiler. Bu setire peýdadan alynýan salgytda başga, salgytlar we salgyt däl tölegler boýunça çykdajylar hem goşulýar.

(11 setir) Salgyt salynmazyndan öňki peýda (ýitgi) jemi peýdanyň, maliýeleşdirmekden girdejiniň, gaýry girdejileriň möçberi bilen önümleri ýerlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça çykdajylaryň möçberiniň, maliýeleşdirmek üçin çykdajylaryň, administratiw we gaýry çykdajylaryň möçberiniň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

(12 setir) Peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar hasabat döwründe salgyt kanunçylygyna laýyklykda kärhananyň peýdasyndan (girdejisinden) hasaplanylýan peýda salynýan salgydyň möçberi.

## 3 BÖLÜM. GEÇEN ÝYLYŇ DEGIŞLI DÖWRÜNDE ESASY WE GOŞMAÇA IŞ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA MALIÝE-HOJALYK NETIJESI

Bu bölümiň görkezijileri geçen ýylyň degişli döwri üçin 2 bölüme meňzeş doldurylýar.

Ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagyndan, görkezijileriň emele getirilişiniň usulyýetiniň üýtgedilmeginden ýa-da olaryň geçen ýylyň maliýe hasabatlylygyň esasynda takyklanylmagyndan başga ýagdaýlarda, hasabat döwründe döwlet statistik hasabatlylygyň formasynda geçen ýylyň degişli döwri boýunça görkezilen maliýe görkezijiler, geçen ýylda şol bir döwür boýunça tabşyrylan formadaky maliýe görkezijileri bilen gabat gelmelidir. Şol bir döwürler boýunça maliýe görkezijileriň deň gelmezliginiň ähli ýagdaýlary forma üçin düşündiriş ýazgysynda düşündirilmelidir.

Eger hasabat ýylynda ýuridiki şahs üýtgedilip guralan ýa-da görkezijileriň emele getirilişiniň usulyýeti üýtgän bolsa, onda hasabat döwri boýunça, şeýle hem geçen ýylyň degişli döwri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formasynda maglumatlar ýuridiki şahsyň täze düzüminden ýa-da görkezijileriň emele getirilişiniň täze usulyýetinden ugur alnyp görkezilýär.

## 4 BÖLÜM. SALGYTLAR, BEÝLEKI HÖKMANY TÖLEGLER WE ÝYGYMLAR

Bu bölümde ýylyň başyndaky we hasabat döwründe býujete hakyky tölenen salgytlaryň, hökmany tölegleriň we ýygymlaryň görkezijileri görkezilýär.

## 5 BÖLÜM.ESASY WE GOŞMAÇA IŞ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA ÇYKDAJYLAR

Bu bölümde şu görkezijiler berilýär:

Önümçilik çykdajylary – işleriň esasy we goşmaça görnüşlerinde öndürilen önümiň we edilen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyny emele getirýän harajatlar;

Önümçilik däl çykdajylar – önümleri ýerleşdirmek we hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça çykdajylary (07 setir), administratiw çykdajylary (08 setir), maliýeleşdirmek üçin çykdajylary (09 setir) we gaýry çykdajylary (10 setir) öz içine alýar.

(01 setir) Maddy harajatlar – satyn alnan bahasyndan ugur alyp emele gelen maddy resurslaryň gymmaty (goşulan baha üçin salgydy, aksizleri hasaba almazdan), oňa goşulan baha, üpjünçilik, dellalçylyk, daşary ykdysady guramalara tölenen komission tölegler, haryt biržalarynyň hyzmatlarynyň gymmaty, gümrük paçlary, keseki guramalaryň we kärhananyň işgäri hasaplanylmaýan fiziki taraplaryň güýçleri bilen amala aşyrylýan ugratmak, saklamak we eltmek üçin çykdajylar hem goşulýar.

Çig mal we maddy serişdeler, satyn alynýan ýarym taýýar önümler we gurnaýyş önümler (02, 03 setirler) – ulag-taýýarlaýyş çykdajylaryny göz öňünde tutmak bilen önüm taýýarlananda we hyzmatlar ýerine ýetirilende peýdalanylýan ähli materiallaryň gymmaty.

(04 setir) Ýangyç – keseden satyn alnan, şeýle hem kärhananyň özi tarapyndan öndürilen tehnologik maksatlar, energiýanyň ähli görnüşlerini öndürmek, jaýlary ýylatmak üçin, kärhananyň ulagy bilen ýerine ýetirilýän önümçilige hyzmat etmek boýunça ulag işlerine harçlanylýan ýangyçlaryň ähli görnüşleriniň gymmaty.

(05 setir) Energiýa – subýektiň tehnologik, energetika, hereketlendiriji we beýleki önümçilik hajatlaryna harçlanylýan satyn alynýan energiýanyň ähli görnüşleriniň gymmaty.

06-09-njy setirlerde mineral-çig mal binýadyny dikeltmeklige edilýän tölegler; ýeriň ýagdaýyny öňki durkuna getirmeklige edilýän tölegler; kärhanalaryň suw hojalyk ulgamlaryndan alýan suw üçin töleg; keseki guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen önümçilik häsiýetli işler we hyzmatlar görkezilýär.

10-njy setirde 09-njy setirden ýükleri daşamak boýunça harajatlar görkezilýär.

11-nji setirde ýokarda görkezilmedik gaýry harajatlar görkezilýär.

Ulanyş tutumlary (12,13 setirler) – satyn alnan aktiwiň gymmatyny önümiň özüne düşýän gymmatyna ýa-da aktiwiň peýdaly ulanylmaly möhletiniň dowamynda bolup geçýän çykdajylara ýuwaş-ýuwaşdan geçmeginiň gymmatydyr.

(14 setir) – Iş haky gaznasy sylaglar we höweslendiriji we öwezini dolujy häsiýetli beýleki tölegler, salgytlary we beýleki tutumlary göz öňünde tutmak bilen (girdeji salgydy, zähmet hakyndan hasaplanan hökmany pensiýa tutumlary) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda we olary maliýeleşdirmegiň çeşmesine we olaryň hakyky töleg möhletine garamazdan, işgärlere zähmet hakyny tölemek üçin kärhananyň hasaplanan jemi pul serişdeleri (wezipe okladlary, tarif derejeleri), goşmaça tölegler, artdyrylan tölegler.

(15 setir) Gaýry harajatlar ýygymlar we beýleki hökmany tölegler, ätiýaçlandyryş guramalara hökmany ätiýaçlandyryş tölegleri, iş saparynyň gündelik harajatlary, iş saparlarynyň myhmanhanalar hyzmatlary üçin harajatlary, iş saparlarynyň ulag ýol üçin harajatlary, kärende tölegi, keseki guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen önümçilik däl hyzmatlar görkezilýar.

16 setirde – beýleki ýygymlar we hökmany tölegler, önümiň özüne düşýän gymmaty önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) we (goşulan baha salgydy GBS-ny, aksizleri hasaba almazdan) emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň, Aşgabat şäher häkimliginiň maksatlaýyn ýörite hasaplaryna gatançlar, awtoýollaryny abatlamaga we saklamaga gatançlar, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasty ministrliginiň sport desgalaryny saklamagy we ulanmagy maliýeleşdirmek üçin maksatlaýyn ýörite hasabyna gatançlar, şeýle-de şu setirde ýygymlar we tölegler, jerimeler we puşmany tölegler görkezilýär.

(18 setir) ätiýaçlandyryş tölegleri hökmany ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijileriň tölegleri şeýle hem işgärleriň haýyryna ätiýaçlandyryş edaralary bilen baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijileriň tölegleri.

(24 setir) Maddy däl hyzmatlaryň tölegleri aragatnaşyk hyzmatlarynyň, maglumat-hasaplaýyş hyzmatlarynyň, banklaryň, edara degişli däl goragyň, mahabat gulluklarynyň, auditorçylyk guramalarynyň, jemagat hojalygynyň hyzmatlary goşulýar. Şu setirde wagtlaýyn işe ukupsyzlyk boýunça kömek pullary we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenilýän beýleki durmuş kömek pullary goşulýar. Bu setir-de önümçilik şikeslenmesi zerarly işgärlere ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak tölegleri hem goşulýar.

Beýleki harajatlar (25 setir) – 15 setirde görkezilmedik harajatlar görkezilýär.

Täjirçilik ýerleme çykdajylary, maliýe çykdajylary we gaýry çykdajylary bölüm boýunça jemleýji setir (26 setir, 8 – önümçilik däl çykdajylar goşulýar)

Statistik hasabat formasynda maglumatlaryň iki gezek hasaba alynmazlygy üçin 5-nji bölüm doldurylanda harajatlara gaýtadan satmak üçin alnan harytlaryň gymmatyny goşmaly däl, sebäbi olar haryt öndüriji tarapyndan eýýäm hasaba alyndy.

Goşmaça iş görnüşi boýunça öndürilen önümiüň düzüm bölekleri we harajatlaryň maddalary boýunça harajatlar hasaba alynmaýan ýagdaýynda, goşmaça iş görnüşi boýunça öndürilen önümiň umumy harajatlary hasabat döwründäki esasy iş görnüşi boýunça öndürilen önümiň düzüm bölekleriniň we harajatlaryň maddalarynyň gurluşyna laýyklykda paýlanýar.

## 6 BÖLÜM. MALIÝE SERIŞDELERIŇ MAKSATLAÝYN UGURLAR BOÝUNÇA ULANYLYŞY

Şu bölümde degişli ugurlar boýunça hakyky sarp edilen serişdeleriñ pul möçberi görkezilýär.

01 setirde kärhananyñ (guramanyñ) önümçiligi ösdürmek we kämilleşdirmek, şeýle hem durmuş taýdan ösdürmek üçin çykdajylarynyñ pul möçberi görkezilýär.

02 setirde guramanyñ beýleki guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen ylmy barlaglar we tejribe-konstruktorçylyk işläp taýýarlamalar üçin harajatlary görkezilýär.

03 setirde guramanyñ programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak we satyn almak üçin harajatlary görkezilýär.

04 setirde hasabat döwründe maddy däl aktiwleri satyn almak boýunça çykdajylar görkezilýär.

05 setirde önümçilik däl ulgamyñ desgalaryny gurmak üçin harçlanylan serişdeler görkezilýär.

06 setirde önümçilik däl ulgamyñ kärhanalaryñ balansynda (hasabynda) durýan desgalary saklamak üçin harçlanylan serişdeler görkezilýär.

07 setirde durmuş-medeni we sagaldyş çärelerini geçirmek üçin harçlanylan serişdeler görkezilýär.

08 setirde işgärlere pul serişdelerini tölemek bilen baglanyşykly, zähmet haky gorunda hasaba alynmaýan çykdajylar görkezilýär.

09 setirde şular görkezilýär: bir ýyldaky işiñ jemleri boýunça sylaglar, aýry-aýry işgärleri bir wagtlaýyn höwesleşdiriş tölegleri, maddy kömek bermek, pensiýa gidýänlere birwagtlaýyn kömek puluny tölemek, 62 ýaşan işgärlere tölenýän birwagtlaýyn pul sylaglary (Ak goýun toýy) we Türkmenistanyñ kanunçylygyna laýyklykda beýleki birwagtlaýyn höweslendiriş tölegleri (baýramçylyk seneleri bilen bagly tölegler, işgärlere berilýän sowgatlaryñ bahasy).

10 setirde wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly görkezilýär.

11 setirde göwreliligi we çaga dogrunlagy boýunça kömek puly görkezilýär.

12 setirde talyp haklaryny tölemek bilenbagly çykdajylar görkezilýär.

13 setirde pul serişdelerini tölemek bilen bagly bolmadyk serişdeler görkezilýär (iýmitiñ bahasyny arzanlatmak we iýmiti güýçlendirmek üçin çykdajylar, umumy peýdalanylýan ulaglarda, şäherýaka awtobuslarynda iş ýerine gatnamak üçin töleg babatynda ýeñillikler, işgärleriñ öý tölegleriniñ gymmatynyñ öwezini dolmak, kärhananyñ balansynda

(hasabynda) durýan bejeriş-öňüni alyş edaralary üçin dermanlary satyn almak we mugt ýa-da ýeñillikli şertlerde berilýän beýleki hyzmatlar).

15 setir boýunça howandarlyk we haýyr-sahawatkömegi üçin çykdajylar görkezilýär.

16 setir boýunça kärhananyñ (guramanyñ) önümçiligi ösdürmek we kämilleşdirmek üçin we durmuş taýdan ösdürmek üçin 01-15 setirlerde görkezilmedik çykdajylary görkezilýär.

## 7 BÖLÜM. HÖKMANY GATANÇLAR

Şu bölümde hasabat döwründe býujete degişli däl gaznalar, Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda kesgitlenen, hasaplanan we hakyky tölenilen hökmany gatançlary görkezilýär.

Bölüminiň 02-08 setirlerinde kesgitlenen tertipde Türmenistanyň gaznalaryna we ministrlikleriň we pudak edaralaryň maksatlaýyn ýörite hasaplaryna edilen gatançlar görkezilýär.

## 8 BÖLÜM. ALGYLAR WE BORÇNAMALAR

Şu bölümde hasabat döwrüniň ahyryna algylar we borçnamalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

1-nji sütüniň 02-nji setirinde, pudakiçi algylary hasaba almak bilen, satyn alyjylaryň we buýrujylaryň aktiwleri ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary etmek algylar boýunça 6218 41, 6228 41, 6218 51, 6228 51 hasaplar görkezilýär.

1-nji sütüniň 06-njy setirinde, pudakiçi bergileri hasaba almak bilen, üpjün edijileriň we potratçylaryň hasaplaşyklary boýunça satyn alan aktiwleri we ulanan hyzmatlary boýunça ätiýaçlyklary eltip bermegini we gaýtadan işlemegi hasaba almak bilen, 6318 41, 6328 41, 6318 51, 6328 51 hasaplar boýunça bergiler görkezilýär. 11-nji setiriň 1-nji sütüninde, salgytlar we býujete beýleki hökmany tölegler, Pensiýa gaznasyna hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň we hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň gatançlary, banklaryň karzlary we nesýeleri görkezilmelidir.

Hasabata algylaryň we bergileriň aýdyňlaşdyrmalary goşulmaly.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Bu bölümde ätiýaçlyklar (01 setir) görkezilýär, şol sanda: önümçilik ätiýaçlyklary (02 setir), taýar önümler (06 setir), harytlar (07 setir), tamamlanmadyk önümçilik (09 setir), tamamlanmadyk oba hojalyk önümçiligi (10 setir) we gaýry ätiýaçlyklar (11setir).

## HASABATA GOŞUNDY

Maliýe hasabatlygyň (balans) düzgünnamasynyň goşundysy ýyllyk hasabata goşulýar, hasabat maglumatlary müň manatda görkezilýär.

**Maliýe statistikasy we seljerişi müdirligi**